# Janym – sahypjemalym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Janym – sahypjemalym JANYM–SAHYPJEMALYM

Geler bir günden bir gün,
Goý, bolmasyn, ol şer gün.
Hyýalymda sen her gün,
Janym–sahypjemalym.

Derdiňe belet menem,
Özgäge seretmenem.
Arkaňda Kelet menem,
Janym–sahypjemalym.

Näzenin yşkynda men,
Kä gam, kä joşgunda men.
Saýraýan köşgüňde men,
Janym–sahypjemalym.

- ŞÜKÜR, ALHAMDULYLLA!

Ýaş birçene barandyr,
Bilmeň niçe galandyr.
Görgüleriň, azabyň,
Ýaş-ýeleňe ýalandyr.

Şeýtan bakmaz salyňa,
Ýaş-u–juwan, çalyňa.
Ýetjeksiň wysalyňa,
Ýadyňdadyr, ýa, Alla!

Hoş bolmadyň, Allaýar,
Boş bolmadyň, Allaýar.
Baş bolmadyň Allaýar,
Adyňdadyr, ýa, Alla!

Agşam ýatsak, ýa, Alla!,

Ertir tursak, ýa, Alla!
Eger ýatsak, turmasak,
Şükür, alhamdulylla!

Ýan bermediň şeýtana,
Çykdyň göreş meýdana.
Pälwan ýeter haýdana,
Haýdanyňda, ýa, Alla!

Şeýtan işi geň bolar,
Baran ýeri jeň bolar,
Ahyrsoňy teň bolar,
Oduňdadyr, ýa, Alla!

Agşam ýatsak, ýa, Alla!,
Ertir tursak, ýa, Alla!
Eger ýatsak, turmasak,
Şükür, alhamdulylla!

• SOWAL–JOGAP

Diýseler:–Uzak ýola ýoldaş gerek. Saýla birin!
Han gerçegiň içinden jan gerçegi saýlardym.
Diýseler:–On gardaşyň içinden saýla şirin!
Gardaş gowy, ýöne weli jan berjegi saýlardym.
„On dostuň bar, „dost“ diýip, birin saýla“-diýseler,
–Dostum- diýip, ýene men şan berjegi saýlardym.
Jan gerçegim, jan berjegim, şan berjegim–Serdarym,
Ol meniň ýolda ýoldaşym, hem dostum, byradarym…

• BOLMAZ

Dür dänesi küle bolmaz,
Tomzak bary güle bolmaz.
Tozga güli–owadan gül,
Öwsüp giden ýele bolmaz.

Sözlände sözi akylly,
Her sözi giden nakylly.

Gerek boldy bir gün çelgi,
Dil hünäri pile bolmaz.

Kyrk gün ömri bar gurçugyň,
Tut ýapragna zar gurçugyň,
Öz gurçugy bar borjagyň,
Müň sarasa pile bolmaz.

Arasynda iki jetiň,
Günäkäri geplän gepiň.
Märekede açyk sepiň,
Sen deý kişi ile bolmaz.

Ökde tebip, agyr hassa,
Birje sözi bolar hossa.
(Şundan başlanýar elkyssa!),
Nebsewüri pula bolmaz.

Öň aýdylan gep bar weli:
«Göter-göter etmäň guly“!
Bu gepiňe diýdim:—Bäli!
Döwletli il gula bolmaz.

— Süýräp barýaň arabany,
Nätjekdiň-how, harabany?
Öňdenem-ä az däl sany,
Gitseň, uzak ýola bolmaz.

Ýok romany, poemasy,
Rubagy—nagyş gaýmasy.
Müňýyllykdan gelýär sesi,
Omar Haýýam ýaly bolmaz.

Allaýar, na tiz garradyň?
Güne erän ak garmydyň!
Göwün gamda, çyn zarladyň,
Ýalan söze gülebilmez.

• «GARDAŞ, NE IR GARRADYŇ…“

Aňzak gyşyň sowgy bar,
Ýetdim-ýetdim kowgy bar,
Gardaş, ne ir garradyň?
Ýandyňmy ýa howurda?

Adyň soňy agadan,
Parhyň näme çagadan?
Kalbyň däldir agydan,
Gardaş, ne ir garradyň?

Yşkyň hetden aşypdy,
Derýa bolup daşypdy,
Akyl-huşyň çaşypmy?!
Gardaş, ne ir garradyň?

Bir ýaryň gujagynda,
Hoş bolduň ojagynda.
Ýyllaryň seçeginde,
Gardaş, ne ir garradyň?

Günbe-günden haýallap,
Ömrüň barýar paýawlap.
Diýdim: „Sen bizi aldap,
Gardaş, ne ir garradyň?“

Garap saga hem sola,
Lebinden sora-sora,
Ganmadyň ýardan dol-a,
Gardaş, ne ir garradyň?

Lezzeti aýrybaşga,
Hesreti aýrybaşga,
Ezýeti aýrybaşga,
Gardaş, ne ir garradyň?

Lagar düşen halyňda,
Dert-azaryň janyňda,
Jananyň ýok ýanyňda,
Şondanmy ýa garranyň?!

Gardaş, ne ir garradyň?..

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular